

Italmaz Nuryýew 1938-nji ýylyň 20-nji fewralynda Sakarçäge etrabynyň Çöňür obasynda eneden dogulýar. Ol orta mekdebi tapawutlanan bahalar bilen gutarýar. Soňra 1964-nji ýylda Moskwanyň Maksim Gorkiý adyndaky Edebiýat institutyny üstünlikli tamamlaýar. Şahyr goşgy düzmeklige mekdep ýyllaryndan başlaýar. Onuň ilkinji goşgular ýygyndysy «Bahar güli» ady bilen 1963-nji ýylda Aşgabatda neşir edilýär.

**Täji Kertikler**

Zaryň... Zaryň... Zaryň...
Täji Kertikler
«Dil bitirdi» ýene ýekedabana:
«Daň atdy,
Daň atdy, adamlar, turuň,
Sylyň ýüzüňize Gün dogýar, ana».

Zaryň... Zaryň... Zaryň...
Posly demire
Jan berlip, ýüzüne çekilýän nagşy,
Ukudan oýanyp her gün ir bile,
Gözi gidip, synlar gadym Mülkbagşy.

Zaryň... Zaryň... Zaryň...
Täji Kertikleň
Emrinden çözüler onlarça düwün.
Bir goja dillenýär: «Döwük-ýenjikleň
Birisem obamda görünmez bu gün…

Ümsümlikden peýdalanyp obada
Gezen alakalar girýär sürene.
Bir ýalta samraýar, owkalap gözün:
«Wah, bular ýatmaga goýmady ýene...».

Obanyň ýaş ýigit şahyry bolsa
Oýlanýar: «Bu günem gijä galdym men.
Täji Kertikleriň ýazan şygryny –
Taýyn şygry göçürmeli boldum men...».

Örüp Mülkbagşynyň kiçisi-ulsy
Güneşi ýüzüne sylýarlar, görüň!
Urup dur,
Urup dur obanyň pulsy:
Zaryň... Zaryň... Zaryň...

Goşguda obada daň atandan, il-günüň aladasy bilen işe başlaýan ussalar hakynda gürrüň berilýär. Ussahana zaryň-zaryň sesi bilen adamlara Günüň dogýanyny buşlaýar.

Öz ili, ýurdy, Watany, topragy, dost-ýarlary üçin ýaşan, işlän adamlar halkyň hakydasynda ýaşaýar. Dünýäde iň baky zat – megerem, bu halkyň hakydasydyr. Halkyň hakydasyndan ömür öçmejek şahsyýetleriň biri hem Türkmenistanyň halk ýazyjysy, Ýaşlar baýragynyň eýesi Italmaz Nuryýewdir.

Italmaz Nuryýew aramyzda ýaşap ýören bolsa, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimizi wasp edip goşgular ýazardy, eserler dörederdi. Ýöne arman, Italmaz Nuryýew ýurdumyzyň Garaşsyz bolandygyny görüp bilmän, ýaş mahaly dünýäden ötdi.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde taryhy şahsyýetlerimiziň ady, abraýy, mertebesi dikeldilýär. Şolaryň arasynda Keýmir kör hem bar. Italmaz Nuryýewiň «Keýmir kör» diýen goşgusynyň döremegine sebäp bolan zat, sowet döwründe taryhçy

alymlarymyzyň «Keýmir körüň ady taryhy dokumentlerde gabat gelmeýär» diýmegi, Keýmir kör taryhy şahsyýet däl-de, legendar gahryman diýmekleri bolupdy. Ýokarda belleýşimiz ýaly, halkyň hakydasy islendik dokumentden, arhiw materiallaryndan gymmatly bolmasa, pes däldir. Halk öz gahrymanlaryny ýaşap geçenden soň legendar gahrymana öwürýär. Beýik adamlaryň diri wagty adynyň rowaýata öwrülýändigi hakynda Italmaz Nuryýewiň Beýik Watançylyk urşunyň gahrymany Gurban Durda bagyşlap ýazan goşgusynda gürrüň berilýär.

Ýaňy parhyn duýup ýakynyň-ýadyň,
Başlamyzda ak-garany saýgaryp,
Rowaýata öwrülipdi seň adyň,
Tarypyň ülkäni ýördi aýlanyp.

Ýöne jogap gözläp sowallarmyza,
Bulaşsak, kösensek käbir zatlardan,
Sen her gün kömege gelerdiň bize,
Çykardyň-da täsin rowaýatlardan.

Şonuň üçinem Keýmir körüň ady hem, eýýäm diri wagty rowaýata öwrülendir diýip hasap edýän şahyr şeýle ýazýar:

Çetindir taryhyň gapysyn açmak,
Oňa girip bolmaz jandanam geçip.
Emma bu söýgüli gahryman üçin
Taryhyň gapysy açykdyr-açyk.

Ol öz arzuwyny, halkyň öňüne düşjek gahrymanyň gözlegini Keýmir kör hakyndaky goşgusynyň üsti bilen okyja ýetirýär. Diýmek, duşman bilmesin diýip, Keýmir körüň mazary

ýok edilipdir. Emma onuň obrazy halkyň aňynda ýaşap gelipdir. Şonuň üçinem şahyr anyk gürrüňe geçýär.

Bäri gel,
gadyrdan,
taryhçy alym,
Indi bolsa seniň bilen gürrüň bar.

Gürrüň bar...
Agtar sen,
agtar baryny
Taryha degişli dokumentleriň,
Dogry, seň özüňem bilýänsiň kemsiz,
Oňa mätäçligi ýokdur Keýmiriň.

Onsuzam ol ýüreklerde ýaşaýar,
Yüreklerde oň ýüregi urup dur,
Emma Keýmir ýaly gerçekleň ady
Taryh üçin welin zerurdyr, zerur.

Elbetde, şahyryň goýan meselesi öz döwründe çözülmedi. Diňe Turkmenistan Garaşsyz döwlet bolandan soň, bu mesele aýdyňlyk bilen çözülýär. Taryhy gahrymanlaryň atlary, mertebesi, görkezen gahrymançylyklary, garaşsyzlyk ugrundaky göreşleri, ýeňişleri, ýeňilişleri, gözlegleri indi halkyň ruhy baýlygyna öwrüldi.

Italmaz Nuryýewiň başga bir goşgusynda şeýle setirler bar:

Şahyrlar çintgeýän bolsa bir zady,
Goşgy kän ýazylýan bolsa şol hakda,
Ýa-ha şol zat ör-boýuna galandyr,
Ýa-da galyp ýörendir ol aýakda.

Italmaz Nuryýewiň «Şyrak hakynda ballada» diýen eseri hem türkmen halkynyň gahrymançylygyndan, gadymyýetinden gürrüň berýär. Rum goşunlarynyň Parfiýa hüjüm eden zamanynda duşman goşunlaryny aldawa salyp, çölde suwsuzlykdan heläk eden türkmenistanly Şyrak hakynda biziň taryhçylarymyz indi-indi agzaýarlar, ol hakda rowaýata öwrülip giden wakany ýaňy-ýaňy ýatlaýarlar. Şahyr bolsa bu goşgusyny baryp kyrk ýyl mundan ozal ýazypdy.

## ŞYRAK HAKYNDA BALLADA

Ýyllar däl,
Asyrlar düşüpdir ara,
Nätjek, wagt bolsa şeýle bir zalym.
Ne suratyň gelip ýetipdir bize,
Ne-de bir galypdyr terjimehalyň.

Ýöne seň iň soňky äden ädimiň
Hemem ýörän ýoluň iň soňky gezek
Keçjal asyrlardan çykypdyr üstün,
Taryham
Saklapdyr bolansoň gerek.

Ol maňa-da gerek,
Şoň üçinem, gör,
Bu gün gol uzadyp soňsuz hyýala,
Seň bilen ýakyndan tanyşjak bolup,
Garap durun,
Garap durun şo ýola.

Ýol bolsa,
Ajala tarap uzaýar,
Gözleriňi gapyp barýar gum syrap.
Sen şonda-da
Ýüzläp-ýüzläp duşmana
Syr bermän,
Gaş bürmän barýarsyň, Şyrak.
«Sizmi meniň topragymy depeläp,
Mähriban ýurdumy lerzana saljak?
Basym görersiňiz çopanyň oýnun,
Hemem bilersiňiz
Barýaňyz hanjak».

Niýetiňi aňmasa-da,
Duşmanlaň
Hersi bir zat diýýär, ýeňsäňden garap.
Sen şonda-da
Haýbatlardan çekinmän,
Syr bermän,
Gaş bürmän barýarsyň, Şyrak.

Dabanlar agralýar,
Garalýar ýüzler,
Dodaklar ýarylyp-ýarylyp barýar.
Teşneligiň gazabyna çydaman,
Duşmanlar topraga garylyp barýar.

Özüňem ysgyndan gaçýarsyň kem-kem,
Başlaýar seniňem göwräň sandyrap.
Şonda-da
Duşmanlaň diri galanna
Syr bermän,

Gaş bürmän barýarsyň, Şyrak.

Ahyram ýykylýaň...
Ýöne gum garban
Duşmanlarňy görüp, iň soňky gezek
Şeýle bir mähirli garaýaň dünýä,
Ýylgyrýaň gözüňden ýaş dökmä gerek.

Şeýdip, meniň bilen ýene ýakyndan
Tanyşman gidýärsiň,
Düşýärsiň yrak.
Emma meň bir zada, hawa, bir zada
Aklym çatyp,
Gözüm ýetip dur, Şyrak.

Eger toprak üçin jandan geçmäge
Hötde gelen bolsaň, gaşlamy çytman,
Sen diýseň görmegeý ýigit bolmaly
hemem şir ýürekli bolmaly hökman.

Rus ýazyjysy Pýotr Skosyrew «Türkmenler öz taryhyny şalaryň taryhy boýunça däl-de, şahyrlaryň terjimehaly boýunça öwrenipdirler» diýip ýazanda, örän mamla. Sebäbi sekiz asyrlap öz döwletimiz bolmandan soň, türkmen halkynyň baý we beýik taryhyny öz awtorlarymyz ýazmandyr diýen ýaly. Gadymyýetde uly imperiýa guran, ýer togalagynyň dürli künjegine ýaýrap giden türkmenleriň taryhy olaryň aýak basanu-basmadyk ýurtlarynyň arhiwlerinde hakyky eýesine garaşyp ýatyr. Soňky döwürlerde dünýäniň köp arhiwlerinde, muzeýlerinde bolup gelen alymlarymyzyň taryhy tapyndylary bizi guwandyrman bilmez!

Ýöne Andalybyň, Magtymgulynyň, Şeýdaýynyň, Kemināniň, Zeliliniň, Seýdiniň, galyberse-de, häzirkizaman

ýazyjy-şahyrlarymyzyň eserlerindäki taryhy faktlar, rowaýatlar taryhyň şahyra, şahyryň bolsa, taryha gös-göni dahyllydygyny görkezýär. Italmaz Nuryýewiň döredijiliginde hem ýakynu-daş taryh bilen baglanyşykly eserler azlyk edenok. Şonuň üçinem ol şu toprak üçin ýaşap, şu topragy gorap ölenleriň wesýetlerine wepaly bolmak hakda oýlanýar.

Toprak üçin şirin janyn berenleň
Mazaryn gül bilen örten çaglarym,
Şu gün onuň göwsün bezäp ýörenleň
Tozlaryn gözüme sürten çaglarym,
Hiňlenýän, keşplerin saklap gözümde,
Wesýetlerin bolsa ýüregme salyp:
«Gitmejek bolaryn dünýäň ýüzünden,
Şu eziz topraga bergidar bolup...»

Şahyr hakyky zehin bolanda, onuň ýazan eserleri üstünden wagt-möhlet geçeni bilen könelmeýär, mydama öz aktuallygyny - döwrebaplygyny saklaýar.

Biz öz milli Garaşsyzlygymyzy gazananymyzdan soň, ýitip barýan däplerimize, öz asylly türkmençiligimize gaýdyp gelýäris. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen ýaşulylaryna uly hormat bilen seredýär. Her ýyl geçirilýän ýaşulylaryň maslahaty hem muňa aýdyň mysaldyr. Ýaşula gulak asmak, olaryň dana sözlerini, pähimlerini diňläp mesele çözmek gadymyýetimizde-de türkmen demokratiýasynyň iň esasy atributy bolupdyr. Italmaz Nuryýewiň döredijiliginde-de ýaşuly nesliň obrazy köp duş gelýär. Onuň «Gojalar», «Sargyt», «Garrylyk we Berdi aga hakynda erteki», «Söýün aga», «Ynam», «Nepes telpekçi», «Atalar ýaş ölýär» diýen goşgularynda bu tema

örän jaýdar işlenilipdir. Ol özüniň «Biz - türkmenler» diýen ajaýyp goşgusynda:

Biz - türkmenler,
Sähraýy halk, sähraýy,
Sähra dek, älem dek giňdir ýüregmiz.
Sähradan garşy alsak her güni, aýy
Hem-de, dostlar, bitin bolsa çöregmiz,
Başga zat däl, şudur biziň geregmiz.

Her gün gapymyzdan nur döküp, parlap
Dogýan Güni biz ýerinden galdyrýas.
Tä eňegne ýaşmak orýança derläp,
Teşne topragmyzy derden gandyrýas.

Tomusda depämiz gaýnansoň biziň,
Gyşda gazanymyz lygyrdar durar.
Bahar
Eşidensoň gyşyň hoş sözün,
Gapymyzdan girmek üçin howlugar.

Bahar bize,
Bizem bahara aşyk.
Synlan adam bizi ekizdir öýder.
Şahyrdyrs barymyz,
Ýürekler joşup,
Baharyň şanyna nagmalar aýdar.

Nagmalar birigip sährany gurşar,
Toý başlar...
Jahyllar atlanar ata.
Kim ýaglyga towsar,
Kim bilin guşar,
Özün ýigit saýan çekilmez çete.

Agşamlama bolsa gyzlaň lälesi
Sähra seýle çagyr gerçekleň baryn.
Beýhuş edenden soň gülleriň ysy,
Ýigitler gök maýsa owkalar bagryn.

Olary hüwdülär agşam şemaly,
Baýyrlar olara hekaýat okar:
«Bagyşla, men seni tanamok häli,
Öwünme, zor bolsaň, göwsümden ok al!»

- Bu mataly çözjek bolýarka,
birden
Täze bir täsinlik tisgindir seni.
At toýnagnyň sesi geler bir ýerden,
Bozup aýdyň gijäň ümsümligini.

Görmänkäň tanarsyň onuň kimdigni,
Belet borsuň häsiýetine, donuna.
Kim unutsa sähralyň bu endigni,
Eňibersin gojalaryň ýanyna.

Barsa-da zat sorap durmazlar ondan,
Diýjek sözün öňden bilen ýalydyr.
Biziň gojalarmyz dünýä inende,
Walla, alym bolup gelen ýalydyr.

Gürlemän, ardynyp gidiberdigi,
Garaşyber bir ýakymsyz habara.
Sakgalyn sypalap, timar berdigi,
Täzeden başlanar uly dabara.

Biz şeýleräk,

Sähraýy halk, sähraýy,
Sähramyza örklenendir ýüregmiz.
Sährada garşy alsak her güni, aýy
Hem-de, dostlar, bitin bolsa çöregmiz,
Başga zat däl, şudur biziň geregmiz.

- diýip, aksakgallarymyza juda degerli bäha kesýär.

Italmaz Nuryýew öz okyjysy bilen arkaýyn gepleşýär. Watan hakda, il-gün hakda, sähra hakda, türkmen topragynyň geçmişi, şu güni, ertiri, onuň gahrymanlary hakda, umuman, durmuş hakda öz pikirlerini, gaýgy-aladalaryny, şatlyk-hesretlerini deň paýlaşýar. Ine, şu hem Italmazyň döredijiliginiň esasy aýratynlygy.

Şahyr hemme meselede hakykaty sözlemegiň tarapdary. Ol atalar hakda, olaryň asylly däpleri dogrusynda, ýaşlar, gelin-gyzlar, ahlak, maşgala, söýgi hakynda hemişe hakykaty - çynyny ýazýar. Çyny bilen aýdylan pikire okyjy ynanýar. Ol özüniň «Atalar ýaş ölýär», «Çopan», «Dirižýor», «Gaýdyp gelmek», «Eje jan, erteki aýdyp bersene» ýaly onlarça ajaýyp goşgularynda okyjysy bilen ýüzbe-ýüz oturyp, aç-açan söhbet edýär. Megerem, şonuň üçindir, Italmazyň kitaplarynyň biriniň ady hem «Ýüzbe-ýüz». Şeýle açyk söhbet mydama sypaýy, süýji bolup durmaýar. Ol liriki gahrymanyň başdan geçirýän ahwalyna görä, käte gödegräk, käte gaharlyrak, käte ajyrak, käte mylaýym, käte ýuwaş, käte sypaýy, käte ýaňsyly bolup, söhbetiň näderejede jedellidigini, näderejede gyzyklydygyny seljermäge okyja mümkinçilik berýär. Haçanda şahyr öz okyjysyndan hiç zat gizlemese, öz ýüregini, kalbyny doly açyp, iliň öňünde goýsa, diňe şonda okyjy şahyra çyny bilen ynanýar, onuň pikirine «hä» berýär. Eýsem, Pyragy hem bu babatda: «Magtymguly, paş eýlegil syryňny» diýmänmi näme?!

Şahyryň «Bagtyn suraty» diýen goşgusynda şeýle setirler bar:

Bu dert maňa çagalykdan ýolukdy...
Bolsa meniň sähelçejik boş wagtym,
Ähli aladadan özümi gizläp,
Suratyn çekmäge başlardym Bagtyň.

Ilki-ilkiler ejem janyň pul düşse,
Maňa alyp berjek bir bölek gandy
Hem orakdan soňra bişirjek nany
Meniň üçin Bagt bolup göründi.

Soňra-da girdi ol topuň keşbine,
Gezdim menem oň yzynda at salyp.
Bir günem alnymdan ýalbyrap çykdy
Güler ýüzli gözel gyza öwrülip.

Şeýdip, aý geçdikçe ulaldy Bagt
Hem ýylsaýyn üýtgetdi öz syratyn.
Her halam şu wagta,
Şu wagta çenli
Kyn düşse-de çekipdim oň suratyn.

Indi welin juda,
Juda ulaldy...
Şu gülli sähranyň, açyk asmanyň
Hem öz bagtyn azabyndan agtarýan,
Päk ýürekli müňläp-müňläp ynsanyň

Bagty meniň Bagtym bolup görünýär...
Bu suraty çekäýmeklik juda kyn.
Belki-de meň uzak ömri sarp edip,
Ony soňlap bilmän galmagym mümkin.

Her halam begenýän,
Ýaşadygymça,
Bagtyňam ulalyp barýandygyna.
Hem onuň suratyn çeksemdim diýip,
Umyt bilen gadam urýandygyma.

Begenýän ýürekden,
Jandan begenýän,
Sebäbi men düşünýärin bir zada.
Uly Bagta aşyk bolup gezmäniň
Özi-de bir bagt ahyryn dünýäde.

Dogrudan hem, şahyr öz ýazmak islän zatlarynyň hemmesini tamamlap bilmedi. Nägehan kesel ajaýyp şahyrymyzy 1985-nji ýylyň 13-nji iýulynda, kyrk dokuz ýaşynda aramyzdan biwagt alyp gitdi. Garaşsyzlyga garaşan Italmaz Nuryýewiň bize galdyryp giden edebi mirasy azym-küjüm däl. Onuň ýazan edebi makalalary, goşgulary dünýä edebiýatyndan eden çeper terjimeleri hem özbaşdak kitap edilip, okyja ýetirilmäge mynasyp.

Şahyryň ýurt Garaşsyzlygyny arzuwlap eden çykyşlary, ýazan goşgulary ünsden düşüp galmady. Şahyr ölenden soň, has dogrusy, Garaşsyzlyk zamanynda «Türkmenistanyň halk ýazyjysy» diýen hormatly at dakyldy.